Gurak zonalarda suw serişdeleriniň çäkli ýagdaýynda suwaryşyň täze tehnologiýasy häzirki wagtda önümçilige giňden ornaşdyrylýar. Olaryň içinde damjalaýyn usul ekinlere himiki dökünleri suwuklyk görnüşinde bermäge mümkinçilik berýär. Bu usul bilen suwarylanda topragyň ýylylyk, çyglylyk, howa, iýmit we beýleki düzgünleri ösüş döwründe ösümlik üçin optimal ýagdaýynda saklanýar. Alynýan önümiň hasyly we hili ýokary derejede bolýar.

TOPRAKDA ŞEÝLE ŞERTLERI DÖRETMEK WE SUWDAN TYGŞYTLY PEÝDALANMAK ÖÝ HOJALYGYNDA SUWARYŞYŇ ÝÖNEKEÝ DAMJA USULYNY ULANMAK ARKALY GAZANYP BOLÝAR.

## Bakja we gök ekinlerini damja usullary bilen suwarmak:

**Plastmas çüýşeleri bilen suwarmak.** Ekinleri ekmek üçin tekiz, çüýrüntgä baý, şorlaşmadyk, haşal otlara basdyrylmadyk ýeri saýlap almaly.

**Ýerleri ekişe taýýarlamak** üçin gektar hasabyndan 10-15 tonna çüýrän ders, 70 kg fosfor we 100 kg azot bilen dökünläp, 25-30 sm çuňlukda agdarmaly.

**Plastmas çüýşeleri taýýarlamak üçin** olaryň göwrümi 1,5 we 2 litrligini ýygnamaly, düýbüniň gysylýan ýeriniň üç tarapyndan 5 sm beýiklik aralygynyň ýokarky, orta we aşakdaky nokatlaryndan kiçijik deşik deşmeli. Deşikleri doly suwly topraga oturdylan çüýşelerden 2 sagadyň dowamynda suw topraga siňer ýaly hasapda deşmeli. Çüýşäniň düýbüne bir çaý çemçesi azot dökünini guýmaly. Öňünden taýýarlanan ýerde ekinleriň kök ulgamynyň ýaýraýan zonasyna ýarpy beýikligi ýeriň üstünde bolar ýaly edip çüýşäni topraga oturtmaly. Oturdylan çüýşeleriň dört tarapynda çüşeden 10-15 sm aralykda ekinleriň şitilini ekmeli. Guýgyç bilen çüýşeleri suwdan doldurmaly we onuň gapagyny dykyz ýapmaly.




**Ekinler doly kök alýança** çüýşeleri bir günüň dowamynda 2-3 gezek suwdan doldurmaly. Oturdylan şitiller adatça bir hepdäniň dowamynda ösüş döwrüne girişenden soň çüýşeler her günde bir gezek suw bilen doldurylýar. Çüýşäniň düýbünde ýerleşdirilen azot döküni ýuwaş-ýuwaş suwda ereýär we topraga siňýär hem-de ekinleri tutuş ösüş döwründe iýmitlendirýär.



**Damja usulynyň Nepal ulgamy bilen suwarmak.** Suwly bak ýeriň üstünden 1,5 metr beýiklikde bolan boçkanyň üstünde ýerleişdirilýär. Baka bölüji şlangalar birikdirilýän iki sany şlanga birikdirilýär. Bölüji şlangalarda 2-3 sekuntda bir damja suw damar ýaly kiçijik deşijekler deşilýär.



Deşijekler biri-birinden 15-20 sm aralygynda deşilýär. Suw damjasyny kadalaşdyrmak üçin deşijeklere ýörite gysgyçlar oturdylýar we olaryň garşysynda suwuň damýan ýerine şitiller oturdylýar. Ösümlikleriň görnüşlerine baglylykda suw bölüji şlangalaryň hatar aralary 45,60 ýa-da 70-80 sm aralygynda bolýar.



## Baglary we üzümleri plastmas çüýşeleri bilen suwarmak.

Göwrümi 1,5-2,0 litr bolan plastmas çüýşeler goşmaça damja usuly bilen suwarmarlyk üçin ulanylýar. Suwdan doldurylan çüýşeleriň gapaklary onuň içindäki suw 3 sagatda damyp gutarar ýaly kiçijik deşijekler bilen deşilýär. Çüýşeler baglaryň edil düýbüne suw damar ýaly edip eňňit ýerleşdirilýär. Ösüş döwründe baglara hepdede bir gezek suw tutmak we iki gezek suwa garylan azot döküni bilen iýmitlendirmek maslahat berilýär.





**Hödürlenýän usullaryň ähmiýeti.** Birinji usulda yzgarlamanyň topragyň içinde bolýandygy üçin topragyň üstünde gaty gatlak emele gelmeýär. Topragyň üsti elmydama gury bolany üçin ekinleriň topraga degýän hasyl elementlerine zeper ýetmeýär. Toprak üsti bugarma düýbünden azalýar, onuň üstki gatlagy şorlaşmaýar. Netijede hasylyň önümliligi has ýokary bolýar.
Ikinji we üçünji usullar bilen suw tutulanda topragyň yzgarlanýan zonasy saman ýa-da ösümlik galyndylary bilen ýapylanda bu usullaryň netijeliligi has-da ýokary bolýar.

*Gollanmada gurak etraplarda suw we ýer serişdelerini rejeli peýdalanmak we öý hojalygynyň şertinde, kiçi oazis ekerançylygynda dürli gök, bakja ekinlerini, bezeg ösümliklerini we miweli baglary ösdürip ýetişdirmek, topragyň gurplylygyny ýokarlandyrmak hem-de ekologiki taýdan arassa we ýokary hilli hasyl almaga amatly–suwaryşyň ýonekeý damja usullary barada maglumat berilýär.*
*Bu usullary öý hojalyk şertinde ulanmak üçin uly pul çykdaýjylary we çig mal talap etmeýär. Şol sebäpden olaryň özüne düşýän gymmaty ujypsyzdyr.*

**Gollanmany düzen:** t.y.k. Muhammet Nepesow

Goşmaça maglumat üçin Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutyna (ÇÖHDMI) ýüz tutup bilersiňiz.

**Biziň salgymyz:**744000, Türkmenistan, Ashgabat şäheri, Bitarap Türkmenistan köç., 15 jaý.

Tel.: 80012 357295; 80065642921
Faks: 80012 396408.
E-mail: nepesov@mail.ru

**Bellik:** Gollanma ÇÖHDMI-niň Merkezi Garagumdaky Garrygul stasionarynda alynan ylmy-tejribe barlaglaryň maglumatlary we Merkezi Aziýanyň beýleki ýurtlaryndaky (seret: Почва и водосберегающие технологии в Центральной Азии. Бишкек, 2007. 88 стр.) önümçilige ornaşdyrylan tejribeleriň esasynda düzüldi.

# KIÇI OAZIS EKERANÇYLYGY ÜÇIN SUWARYŞYŇ ÝONEKEÝ DAMJA USULLARY

**Hazarýaka etraplarda kiçi oazis ekerançylygynda suw we ýer serişdelerini rejeli peýdalanmak we ýokary hasyl almak üçin gollanma**



«Hazar deňziniň kenarýakasyndaky Hazar döwlet goraghanasynyň dünýä ähmiýetli biodürlüligini aýap saklama we durnukly peýdalanma»

AŞGABAT - 2009